# Bagyşla, ýürek!

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 22 января, 2025
Bagyşla, ýürek! BAGYŞLA, ÝÜREK!



Bagyşla, sen meni,
Bagyşla, ýürek.
Men gezip bilmedim seni aglatman.
Gylyç syryp goragyňa çyksamam,
Ýok, alyp bilmedim ýalna daglatman.
Söýdüm, ýürek,
Söýdüm, däliräp söýdüm.
Sowuklyk tapmadym, tapmadym seriňe
Dalaş gurdum gara gijeler bilen,
Çydamanlar çykdym iňňillileriňe.

Söýdüm ýürek,
Söýdüm, dälliräp söýdüm,
Geçdim, gitdim bilýän säginmelerden.
Gyzygy nedir muň, yňdarlap gitse,
Ötýän eken adam çykan bilmeden.

Söýdüm, ýürek,
Söýdüm, däliräp söýdüm,
Bir närse ýigidiň çekdirdi perýat.
Gaşladym dünýäniň bolan gyzygyn,
Gözlerime inmedi ondan başga zat.

Gözel ŞAGULYÝEWA. Goşgular